# Ejem hakynda / hekaýa

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ejem hakynda / hekaýaEJEM HAKYNDA




Mekdebi tamamlanymyza ýigrimi ýyl boldy, duşuşalyň, könäni ýatlaşalyň diýişdik. Ýaşymyz kyrka ýetip barýar. Bu ýaşda geçenleri göz öňüne getirip, şol günleri seniň bilen bile ýaşanlary görmek, gowy görýän kinoňy gaýtadan görenden has gyzyklydyr. Ýogsa “gahrymanlaram” tanyş, hatda her wakaň näme

bilen gutarjagyna çenli hemmesi belli. Şol “film” hakynda oňa gatnaşanlaryň pikirini bilesiň gelýärmi, geçen günler küýselýärmi? Film diýýän welin, ol sendäki üýtgeşik, ilde ýok kitap. Onda söýülen ýerleriňem, döşüňden itilen ýerlerem, Görogla öýkünip dostuňa dogan okaşaly diýen, bir günem onuň bilen gyzyl ýumruga girip, soňam ýene ýaraşan ýerleriňem… bary bar. Ol kitap oglanlykdan, ýigitlikden saýlananyňdan soňam ýapylanok. Has çökder, has gyzgyn, has sowuk… sahypalar, edebiýatda ýazyp bilmeýän hekaýalaryň oňa ýazylyp gidip otyr. Ömrüň iň janly ýyllaryny bile geçiren synpdaşlaryň bilen görüşmegem şol kitaby eliňe almak ýaly.
Garaz duşuşdyk. Geçenlerem ýatlaşyldy. Ýöne geçenlerden beter her kimiň häzirki güni, kimiň kim bolup ýetişendigi has gyzykly bolup çykdy. Näçe çagaň bar, nirede işleýäň, aýlyk-günlük… garaz soraşylmadyk zat galmady. Mende welin maksat başgady. Ömre däl, kagyza ýazara hekaýa üçin “gahryman”, “gyzykly waka” gözleýärdim. Emma gyzykly waka-da eşitmedim, “gahrymanam” görmedim.
Ýadymda ýekeje zat galdy olam, garryja edebiýat mugallymymyzyň öýüne gitdik. Ol bizi okadýarka-da ýaşy gaýdyşan görünýärdi. Häzirä has garrapdyr. Mugallymymyz bizi görüp çaga ýaly begendi. Şol begenji ýazyp bolsady. Soň turmakçy bolamyzda ol könäni ýatlap, “Okuwçylar, kimiň näme soragy bar?” diýdi. Hemmämiz gülüşdik. Çünki, özümizi sorag berýän ýaşdan geçen hasaplaýardyk. Birden kelläme bir pikir geldi. Durdumda: “Mende sorag bar, mugallym” diýdim.
– Sora, sen aňsad-a soragsyz gitmeli dälsiň.
– Mugallym, siz häzir ýazyjy bolsaňyz näme hakynda ýazardyňyz?
Mugallymymyza jogap bermek bir bada aňsat düşmedi. Ol: “Menmi?.. Ýazyjy bolsammy?..” diýip ýaýdandy. Soňam: “Ejem hakynda ýazardym” diýdi. Bu jogap ýanymdakylara has gaty täsir etdi. Hatda daşary ýurtlular bilen işleşýän synpdaşym niredeigini unutdymy “Brawo” diýip göýberdi. Diňe meniň kanagatlanmanymy gören mugallymym:
– Hä, näme? Näme üçin diýip sorajak bolýarmyň? – diýdi.
“Dogrudanam, näme üçin?” diýýän ýaly hemmämiz mugallymymyza ünsli seretdik.
– Üçini, ol meň ejemdi-dä – diýdi.
“Brawo” diýen synpdaşym başlan bolmagam mümkin, aramyzda çapak çarpanam boldy. Iň ýakyn gatnaşýan synpdaşym Nurgeldi bolsa:
– Eşitdiňmi näme hakda ýazmaly? – diýip, egnime kakdy.

Egnimi gysyp, boýnumy gyşartdym. Bu bir “könelmeýän” köne tema ahyryn! Ene kim? Ene-de bir aýal. Her kimiň özüne öz enesi üýtgeşik. Kagyza geçende welin, başga biriniň enesi mende nähili gyzyklanma, duýgy döredýän bolsa, meniň enemem o barada okanlarda şonuň ýaly duýguny oýarar. Biraz täsirliräk bolup biler, ýazmasyny oňarsaň… Bolany.
Şonda-da mugallymymyzyň “ejem” diýen söze basym berip, aýdany uzakly gün, gijesi bilen aňymda gaýtalandy durdy. Adam garrap, haldan gidensoňam, ýene “ejem” diýýär. Ýogsa ejesi, kim bilýär, gör haçan ýogalyp gidendir. Meniňki welin diri. Bir görseň “Haçan öljegim belli däldir” diýip, bir görseňem gelinleriniň biş-düşüne at dakyp, dikgirdäp ýör.
Şony ýazaýynmy? Ýok-la. Gijede bir çene barypdyr. Geljekde ýazaýsam diýýän zatlarymy bellik edýän depderçämi açdym.
“Hemmeler umumylykda, bir pasylda bolsalaram, her adam öz paslynda ýaşaýar. Kimiň başyna gar ýagyp dur, kimiň ýazy gelip gül açypdyr. Kimiň howasy çygly, ýapyraklary dökülýär. Kimi bolsa jöwzaly tomsy gysyp gowrup dur. Penjireden seretseňem dury Asmanda Gün çykyp hemmeleri deň çoýup duran ýaly. Emma her kim öz gününi ýaşaýar…”
– Ýaş janyň bar, ýatsaň bolmaýarmy?
– Ukym tutanok, eje. Sen näme?
– Mendirin-dä. Çagalaň ýatyrmy? Ýatandyr. Ýadandyrlar. Senem gündiz köp ýatýaň, şondan ukyň tutmaýany.
– Sen hakda bir zatlar ýazaýsam diýýän.
– Goý, ile peçan etjek bolma.
Ejemiň sözüne gülüp goýberdim.
– Näme üçin peçan edeýin? Gowy diýip ýazaryn-a.
Ejem özi hakynda ýazylyp barylýan ýaly janygdy.
– Goý diýdim, goý. Men gowam däldirin, erbedem. Bolubilsem il ýalydyryn. Ilçe-de ýokduryn.
Ejem soňky sözlemini aýdanda bogazy dolan ýaly etdi. Menem etmejek işimi ýalandan, aýdyp goýberenime utandym. Soňam nämeden ejem özüne beýdiýdikä diýip ýüzüne içgin seretdim. Ähli dilewarlygymy jemläp ejeme göwünlik beresim, ony gepledesim geldi.
– Eje, näme beýdiýýäň? Ilden näme kemiň bar? Bizä ejemize ilde ýok eje diýip ýörüs. Hiç kimden kem etmän bizi ulaltdyň. Diňe ejemiz däl, kakamyzyňam ýerini tutduň.
Bu gezek ejemiň sesi tutuk çykdy:
– Aý, hawa. Ulaldyňyz, adam bolduňyz. Alla jana döneýin. Il-

günüme döneýin. Soňkuja bäş günümde-de biabraý etmesin-dä…
– Indi nämäň biabraýçylygy, eje seňem tapýan gürrüňiňi?
Sen oňa düşünmersiň diýýän ýaly edip, ejem düýpden başga gürrüň tapdy.
– Çörek bişirýänim ýadyňa düşýämi?
Gelinleriniň çörek bişirmeýäninden zeýrenjekdir öýdüp, göwünsiz “Hawa” diýdim.
– Demir legenimiz bardy. Häzirkiler ýaly däl.
Ejeme düşünmesemem, demir legeni ýatlamaga çalyşdym.
– Ony nämeden soraýaň eje?
Ejem soragyma jogap bermäge derek, legeni meniň ýadyma saljak bolýardy.
– Ýadyňa düşenokmy? Hamyr aldyrardym, çörek bişiremde.
– Ýadyma düşýär. Tamdyrdan çykaryp bize köke-de paýlaýadyň.
– Diliňe döneýin, sen bilmel-ä. Legenimiziň bir gulpy ak, beýlekisem sary misdendi.
Muny ýatlap bilmedim. Ýöne “Hawa, hawa” diýen boldum.
– Şol amanatdy-da… Bikeden alypdym. Yzyna eltmän ulanyp ýörüpdirin. Bike soň: “Bahajygyny getiräýersiň-dä. Özüme täzesini alyndym” diýipdi. Olar bize görä gurgunrak, asyl gaty gurgun ýaşaýadylar. Menem elterin diýip legeniň pulunam bermedim. Inhä, inhä bilen galdy. Wah, ýetirnip bilemizokdyk, ýogsa eltjekdim.
Ejem gözünden birden syrygan iki damjany syldy.
– Bike daýzalar bir wagt göçýp git-dä bärden.
– Bilýän, şäheriň aňry çetirägine bir ýere göçüpdiler. Ertir ugruna çykyp soraşdyraýyn. Obada garyndaşlary-beýlekisi ýokmuka?
Bu gürrüňi ulaltmasak nädýär diýýän ýaly edip:
– Ilden sorap ýörjekmi? – diýdim.
– Bergidar bolup ölmäýin-dä, oglum.
– Şondanam bir bergi bormy eje?
– Özi diýdi-dä puluny getiräý diýip. Menem bor diýdim.
– Diýlipdir, unudylypdyr. O legeniň özi döwülip-zyňylyp gidipdir. Bike daýzaň diridigi …
Ejem sözümi gutararyma garaşman:
– O taýda men näme jogap bererin? – diýdi.
Ejeme göni seredip bilmän, ýüzümi sowdum. Bir seretsemem ol öz otagyna tarap barýar. “Näme etjegini” menden soranynyň bir şaýylygam peýdasynyň ýokdugyna düşünip duransoň, jogap bererime-de garaşman giden bolarly. Yzyndan ýetip ony

arkasyndan gujakladym. Gujagyma gysanymdan bir gysymjyk göwre öýkeli siltenjiredi. Garry adam çaga ýaly bolýar diýýärler. Wah, çaga bolsa-da oňuşjak. Aldamaga oglan ýagşy, Hudaň ursun garryny.

– Bike daýzanam taparys, legeniň bahasynam bereris.

Ejemi köşeşdirdim edip, düşegime geçdim. Garry adamyň köşeşmesem kyn ekeni.

Hyýalymda ýene hekaýa. Ýumşajyk saz eşidilýän ýaly. Garaňky ekran. Birdenem onuň ýüzüne adym, familiýam ýazylýar. Dogrusy, familýa däl-de, pylanyň ogly diýlip ýazylypdyr. Uly agam ejem ikimizi bäbekhanadan çykaryp ýör. Göbek enelerimiň jübülerine buşluk pul dykyşdyrýar. Olaryň ýüzi açylyp gidýär. Aňyrdan ýognas lukman aýal gelýär. Elinde meniň dogluş şahadatnamam. Adymy, familiýamy, doglan günümi, aýymy, ýylymy okaýar. Agam oňa has köp pul berýär. Mapraç lukman: “Hany kakasy?” diýip soraýar. Agam: “Kakam öýde garaşýar” diýensoň şahadatnamamy ejeme berýär. Biz agamyň maşynyna tarap ýöräp ugraýarys…

Gözümi açdym. Düýşümdir diýsem oýadygymy bilýän, ýatlamadyr diýsem, bäbekligiňi nädip ýatlajak? Göz öňüne getirme ýaly bir zatmyka? Ýazjak bolup kösenip, akylym üýtgemese-de biri. Şeýdip, geçen günlerini görüp bilýän hekaýa gahrymany. Oň diňe gowsuny göresi gelýär… Adam öz ýaşap ýören paslynda däl-de, öz başyndan geçirýän zatlaryna görä başga “pasylda” ýaşaýar. Ol diňe ýatlasy gelenini däl, ýatlamajak bolýan zatlarynam ýatlaýar… Belki-de gahrymanym ýatlamalaryna dolanyp olary gaýtadan “düzedip” ýaşar?.. Eý diýip, beý diýip, öz pikirlerime bulaşyp, uklap galypdyryn. Ertesi ejem legenli gürrüňini ýatlatdy. Diýdim-ä Hudaý ursun garryny diýip. Bu indi goýmaz.

– Rüstem, sen Bikeleň göçüp baran ýerlerini bilmelä?

– Nirden bileýin, eje?

– Tam toýlaryna bile gidipdig-ä?

– Haçan? Ýigrimi ýyl mundan öňmi?

– Näçe ýyl bolanda näme? Bir baran ýeriňi biljek dälmi?

– Özüňem bileňog-a.

– Özüň diýýä-dä. Sen meň ýalymy?

– O wagt men ýaşdym.

– O wagt-a sen ýaş, indem men garry. Maňa razylaşyp ölme ýok-da…

Ýene aglaýandyr. Men näme edeýin-aý. Durubam bolanok. Ýanyna bardym.

– Aý, eje, Allaň özi geçer-dä.
– Alla geçmez. Bendesi bendesini özi razy etmese, Alla geçmez. Alla algyly-bergilä, gul hakyny iýene goşulmaz.
– Bä, onda o dünýäde-de gyrlyşmak barda? Alla şoňa goşulmajak bolsa, näme iş etjekkä?
Ejem hasasyny duýdansyz galgadyp goýberdi. Hernä çekilip ýetişdim.
– Küpür gepleme. Allaň ýanynda sen ýaňka-ýaňka edişermiň? O taýda hemme zat aýan. Taparyn Bikeleri. Şäheriň gündogar çetidi. Girboýetdi.
– Uf-f. Bor, bor.
Bu gezek hekaýamyň gahrymanyna derek özüm ekranyň öňünde otyryn. Meni, ak arlykda ýatan bäbejigi her kim gelip ýüzüne sylýar. Ejemiň owadan ýylgyryşy bar eken. Kakamyň utanjaňdygyny, ol maňa göni seretmekdenem çekinýär. Gözümi açdym. Ejem, kakam… Bular maňa gyzykly. Otagymdan çykdym. Ejem ýüzüme geň galyp seredip:
– Häzir gidelimi? – diýdi.
Boş wagt ýitirmeden gaçyp ýene otagyma girdim.
“Hemmeler bir dünýede ýaşap ýören ýaly. Emma her kimiň öz dünýesi bar. Bir uly dünýäň içinde birgiden ownukly-irili dünýeler… Meni dünýä getiren ejemiň dünýesem oglunyňkydan başga… Özem şeýle tapawutly dünýe. Ejem ikimiziň dünýämiziň arasynda kyrk ýyla golaý wagt ýatyr. Ol meniň dünýämden şeýle daşda, menem onuňkydan. Ejemiň geçen ýolunyň ýaňy ýarsyna ýetipdirin, şonça yzda… Ýok. Gaýta tersine… ýaly. Ejem meniň dünýämiň ýarsyna-da düşünmez. Men welin…
Dünýäm gözüme ownuk görünýär. Ol şeýle bir kiçi, onda başgalara, hatda ejeme-de ýer ýok, özüm zordan ýerleşýän. Bir giden kiçijik dünýäler. Mümkin olar kiçem däldir. Arasynda dünýäň özündenem uly dünýäliler bardyr, kim bilýär”.
Bellik ýazýan depderçämi ýapdym. Synpdaşlary ýatladym. Düýnki görenlerim bilen mekdep ýyllaryndan aňymda galanlary deňeşdirdim. Başga-başga keşpler… Menem başga… Birinji synpda bolaýmasak. Bir süri çaga bolup mekdebiň jaýyndan ylgap çykyp barýas. Elimdäki torbajygym agyrmy ýa özüm ejiz, deň-duşlarym deňimden geçip gidip dur. Soňuna galyp barýanymy duýýan. Deňimden geçip barýan synpdaşymyň aýagyna kakyp goýberdim. Ol ýüzinligine ýykylyp gitdi. Hiç zat bolmadyk ýaly deňinden geçip gitdim. Ony kimdir biri ýerinden galdyrýar.
– Özüň ýykylybam aglaýaňmaý?

– Özüm ýykylmadym, Rüstem ýykdy.
– Rüstem-ä seň ýykylanyňam görenok. Tursanaý. Öňüňe seredip ylgarlar.
– Rüstem ýykdy, Rüstem ýykdy…
Men adymyň tutulýanyny eşitsemem yzyma gaňrylman ylgap barýan… Ýatlap oturan zatlarymy? Mekdepdekäň ýykylyp-sürüşenleriňden hekaýa boljakmy?
– Eje ýör. Haý, ýöne olary tapsak diý.
– Näme tapman? Sorap Käbäni tapypdyrlar. Sorar-idäris taparys…
Içimden günlerem şeýder geçer durar, ýazan zadymam bolmaz diýdim. Hekaýalar